# «Tokmak» kömek etdi

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Tokmak" kömek etdi «TOKMAK» KÖMEK ETDI




Gezelenje barýarkam, ýolda oba dükanlarynyň açykdygyny gördümde, «Gel, girip göräýeýin-le» diýip oňa sowuldym. Satyjy öňki duran müşderileri ugratdy-da:
— Aýdyberiň, agam, näme hyzmat? — diýip maňa ýüzlendi.
«Be, gör, nähili medeniýetli oglan eken. Umuman, söwda işgärleriniň dili süýji bolýar öýdýän» diýip içimi gepletdim.
— Aý, hyzmat bolup ullakan bir hyzmatam ýok. Ilerik daga tarap dynç almaga barýardym-da, dükanyňyz açyk eken, sowlup göräýeýin diýdim. Ýogsa-da sizde türkmen konýagy ýokdur, inim?! Onsoňam mümkin bolsa bir gapjagaz ýüzi samolýotly çilim gerekdi. Bar bolsa hersinden birini kagyza dolaýyň — diýip, men elimdäki «Tokmak» žurnalyna güýmenen boldum. Onuň sahypalaryny agdaryşdyrdym.
Satyjy sesini çykarman, ýüzüme seretdi. Meniň bolup durşumy synlady. Men bilmediksiräb bolup, jübimdäki ruçkany çykardym.
Žurnalda çap edilen öz hekaýamyň käbir ýerlerini bellik

edişdiren boldum.
– Bagyşlañ, ýaşuly, siz «Tokmagyñ» iñ ulusymy, oña düzediş girizýäñiz welin? – diýip, satyjy ara düşen ümsümligi bozdy.
Men neden gülüpdim. Ýene-de saklandym. Degşen bolup, jogap berdim.
– Iñ ulusy bolmasagam, aşak ýanyragy bar, näme?
Satyjynyñ ýüzi ýagtylyp giden ýaly boldy. Ol gülesi gelmese-de, elini owkalaşdyryp ýylgyrdy.
– Siz üçin gerek bolsa guşuñ süýdünem taparys, agam. Arkaýyn boluñ. Onsoñam käwagt şeýdip gelip durmaly ahyry – diýip, ol dükanyñ içki otagyna girdi.
Dogrusy, syrymyñ üsti açylaýmasyn diýip çekinmänem durmadym. Hernä satyjy uzak garaşdyrman derrewjik geldi. Sargydymy aldym-da, hasaplaşyp çykyp gitdim.
– Adamçylykdyr how, näme gerek-ýaragyñ bolsa çekinmän gelibergin, size gerek bolsa taparys – diýip, ol yzymdan gygyrdy.
Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar